# Dowzaha gidip-gelendigini aýdýan adamyñ adamzada beren duýduryşy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dowzaha gidip-gelendigini aýdýan adamyñ adamzada beren duýduryşy DOWZAHA GIDIP-GELENDIGINI AÝDÝAN ADAMYÑ ADAMZADA BEREN DUÝDURYŞY




Aýdyşyna görä, infarkt bolup aradan çykandygyny we dowzaha gidendigini öñe süren Jerald Jonson atly biri gözi bilen gören zatlaryny gürrüñ berip, hemme adamlaryñ dünýäde ýaşap ýörkä ýagşy adam bolmagynyñ gerekdigini ündedi.
Jerald Jonson eden bir wideoýazgysynda başyna inen täsin wakalary gürrüñ berdi. 2016-njy ýylda infarkt geçirendigini we şondan soñ dowzaha gidendigini aýdýan Jonson özüni juda ýaramaz duýýandygyny hem-de gorkunç synagdan geçendigini aýtdy.



- **«Ganym duşmanyñam ýüzi düşmesin»**

Bolup geçen wakanyñ yzyndan wagty bilen özüni dürsäp

bilmändigini aýdýan Jonson «Gürrüňsiz, dowzahy gördüm. Siz ynanmasaňyzam, men şol ýere gidip geldim. Pikir edişiňizden has erbet ýer, ganym duşmanymyňam ýüzi düşmesin» diýdi.

- **«Aýatda dirikäňiz eliňizden gelen ýagşylygy ediň»**

Adamlara-da duýduryşynyň bardygyny aýdan Jonson «O taýyny görseňiz, sizem gidesiňiz gelmez. Aýatda dirikäňiz eliňizden gelen ýagşylygy ediň» diýdi.




- **«Adamlaryň boýny zynjyrlydy»**

Gören zatlaryny kynlyk bilen gürrüň berýändigini aýdan Jonson sözüni şeýle dowam etdirýär: «Ol ýerde gören käbir adamlarym ýanyp garaköýük bolupdylar. Boýunlary zynjyrlydy. Zynjyrlary gap-garaňky bir zat saklaýardy. Şeýle-de gulagyňy kamata getirýän şaňňy aýdymlaryň ýaňlanýandygy eşidildi».

Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Guwanç MÄMILIÝEW.
Geň-taňsy wakalar